# Şübhe duýulmaýan ýerden hakykaty tapyp bilmersiňiz

Category: Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 23 января, 2025
Şübhe duýulmaýan ýerden hakykaty tapyp bilmersiňiz ŞÜBHE DUÝULMAÝAN ÝERDEN HAKYKATY TAPYP BILMERSIŇIZ

Kowid-19-yň gen shemasyndan mutasiýa geçirişine çenli…
PCR testleriniň dogrudugyna-ýalňyşdygyna çenli…
Waksinalaryň düzüminden döretjek täsirine çenli…
Adamlarda birgiden soraglar bar…
Emma… biziň ýurdumyzda şübhe duýýany-sorag berýäni **«dar agajyndan asýarlar!»** "Ylym" diýip her orta oklanan zadyň gürrüňsiz kabul edilmegine garaşylýar. (Medisina ylym däl!)
Adamlara öz pikirlerini kabul etdirmek ýa-da ony gorkuzyp, sem etdirmek üçin esasan şu metod ulanylýar:
– Bilgi, güýç, status-pozisiýa (wezipedir dereje) ýaly mümkinçilikleriň üstünden meşhurlyk gazanan kişileriň garaýyşlaryna ýüzlenmek!
**Wolter**den **Russo** çenli filosoflary täsirini astyna alan, liberalizmiň düýbüni tutan **Jon Lokk** şeýle ýazypdy:

*"Kimdir biri meniň hormatlaýan we ýüzüne gelip bilmejek adamymyň pikirini mejbury kabup etdirip bilmez. Has dogrusyny, has gowusyny bilmeýän bolmagym, başga biriniň haklydygyny we onuň bilen bir pikirde bolmagymyň gerekdigini aňlatmaýar."*

Birnäçe aýlap biri-biriniň aýdanyny gaýtalap gelýän, amerikan bilim sistemasy bilen ýetişen **"şan-şöhratly" akademik alymlar** mediýanyň çar tarapyny gurşap alypdyr. Gaýtalanyp leji çykan garaýyş, aslynda halkyň aňyndaky şübhe bulutlaryny dagadyp bilmeýär. (Bu çekişmä «medisina biliminiň taryhyny»-medisinanyn şejeresini» ele alyp başlamak gerek: **"Modern medisina"** diýýänleri aslynda näme?)
Waksina meselesinde örän meşhur biriniň eden işlerini ýazaýyn,

göreliñ bakaly, aýdýanlarymy makullarsyňyzmyka?

### ■ MEŞHUR KENNEDI

ABŞ-ly **Kennediler maşgalasyny** bilýänsiňiz.
Ikisi-de ABŞ-nyñ **janyna kast edilip öldürilen** prezidenti **Jon F.Kennediniñ** inisi senator **Robert F.Kennediniñ** ogly **Robert Frensis Kennedi Jr** ABŞ-da alyp barýan köpugurly işleri bilen yzygiderli ünsden düşmeýän adamlaryñ biri…
**Garward uniwersitetinde** we **«London School of Economics»**-de okap bilim alan hukuk professory. Tebigaty goramak boýunça alnyp barylýan işlere berýän goldawy bilen tanalýar. Kölleri goramak boýunça **Waterkeeper Alliance** toparynyñ başlygy. Tebigy baýlyklary goramak geñeşiniñ (NRDC) aklawjysy.
Azyk önümleriniñ galyndysyna garşy alyp barýan göreşi dokumental filmlere çelgi boldy.
Onuñ iñ gowur turzan işi waksinalar baradaky işidi.
Waksinalaryñ çagalarda ünssüzlige, giperaktiw bozuklyga, iýmit arkaly döreýän allergiýalara, autizme, düwnük we muña bagly autoimmun keselleriñ döremegine sebäp bolýandygyny aýdyp **“Children’s Health Defense”** atly çaganyñ saglygyny goraýyş komitetini gurdy.
**“Waksinalar. Hökümet we derman öndüriji uly şereketleriñ kirli puly”** makalasy **Amerikanyñ esasy uly mediýasy** tarapyndan ret edilensoñ, makalany **«USA Today»** gazetinde tölegli mahabat hökmünde çap etdirdi. Makalada şuny ýazdy:

*“Uly derman önümçilik şereketleri geçen ýyl lobbi ücin syýasy talaşgärlere **31 million dollar** berip ýurduñ iñ uly syýasy hemaýatkärleriniñ arasyna girdi.*
*1998-nji ýyldan 2014-nji ýyla çenli **3 milliard dollary** dolan beýleki sektorlardan has köp syýasy lobbi üçin çykdajy edildi. Bu harçlanan pullar nebitiñ we tebigy gazyñ pulunyñ iki essesi we goranmak bilen howa lobbiçileriniñ dört essesi…”*

**Kennedi Jr** diñe makaladyr kitap ýazmady, aktýor **Robert de Niro** bilen metbugat ýygnaklaryny-da geçirdi.
Ýagny… **Kennedi Jr** dünýäde waksina boýunça çekişme guran

meşhurlaryñ biri. Ýeri, **“meşhurmyşyn”** diýip, onuñ aýdanlaryny kabul etmelimişmi? Ýok.
Aýtjak bolýanym şu:

## ■ UZAK WAGTYÑ DOWAMYNDA ÝÜZE ÇYKANLAR

[i]“Gaýnym öz islegi bilen sanjym etdirdi, hiç zadam bolmady!”[/b]
Sanjymyñ goşmaça täsirleri meselesinde ýatdan çykarylan zat şu:
Waksinalar iññäniñ sanjylan ýerinde çiş, gyzarma, agyry ýaly lokal ýa-da gyzgynlyk, dökündi, angina mäzleriniñ ulalmagy ýaly sistematiki täsirleri döredip bilýär.
Gozgamakçy bolýan zadym bular däl…
Gozgamakçy bolyan meselelerimden biri – waksinalaryñ agyr täsirleriniñ şobada bildirmeýänligi. Ine, asyl ikirjiñlenmäni döredýänem, waksinanyñ uzak wagtyñ dowamynda ýüze çykýandygy aýdylýan goşmaça täsirleri.
Meselem, hroniki kesellere sebäp bolup bolmaýandygy ýaly…
Meselem, tutgaý (epilepsiýa), allergiýa, MS… ýaly kesellere sebäp bolup bolmaýandygy ýaly…
Meselem, demrew (psoriaz), seliakiýa, tiroid mäzi (щитовидная железа) ýaly autoimmun kesellere sebäp bolup bolmaýandygy ýaly…´
Bular we muña meñzeşleri entek çaklamalardan, gipotezalardan ybarat, heniz gutarnykly subut edilen zat ýok. Ýöne bu çaklamalary delillendirip ýa-da püçege çykaryp biljek işler dowam edýär, makalalar ýazylýar.
Emma. Goşmaça täsirleriñ birnäçe ýyldan soñ ýüze çykmagy we şunça wagt sarp edilen ylmy-barlag işleriniñ geçirilmezligi waksina meselesinde endişeleri artdyrmasa azaldanok.

Şu taýsy hakykat: waksinanyñ tutuşlaýyn kabul edilmegi ýa-da tutuşlaýyn inkär edilmegi sowatsyzlykdan, bilgi pesliginden gelip çykýar. Üstesine, ýokardan garaýan çemeleşme-de waksinalar babatda şübhäniñ barha artmagyna sebäp bolýar. Waksinanyñ aragatnaşyk strategiýasynda döredýän bökdençligi bilgeşleýin görmezlige salynýar. “Bu bilimdir” diýilip

**“mähelle basyşyny”** gurap, köpçüligi boýun egdireris öýdýärler! “Ölümi görkezip ysytma razy etmek isleýärler” endişesini bular ýaly hondanbärsilik bilen, paýyş söz bilen ýok etmek mümkin däl…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 17.12.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Medisina